# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 1-NJI «GARAŞSYZLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## KASYMGULY GULMYRADOWIÇ BABAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Kasymguly Gulmyradowiç Babaýew 1966-njy ýylyň 12-nji sentýabrynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Gämi obasynda doguldy. Milleti türkmen. 1973-1983-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň 1-nji orta mekdebinde okady. 1983-1989-njy ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady. 1984-1986-njy ýyllarda harby gullukda boldy. 1989-1991-nji ýyllarda SSSR-iň Zähmet we durmuş üpjünçiligi baradaky döwlet komitetiniň Zähmet ylmy-barlag institutynyň Türkmenistandaky bölüminde ykdysatçy bolup işledi.

1991-1993-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň Dolandyryş we halkara ykdysady aragatnaşyklary kafedrasynyň mugallymy bolup işledi. 1993-1996-njy ýyllarda şol institutyň Dünýä ykdysadyýeti we halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň mugallymy, şol bir wagtda, 1991-nji ýylyň sentýabr aýynda institutyň Kommersiýa-tehnologiýa fakultetiniň dekanynyň orunbasary wezipesine bellenildi we 1992-nji ýylyň sentýabr aýynda Söwda we halkara ykdysady aragatnaşyklary fakultetiniň dekanynyň orunbasary bolup işledi. 1993-1995-nji ýyllarda aspiranturada okady.

1996-2002-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Dünýä ykdysadyýeti we halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň mugallymy, 2002-2007-nji ýyllarda şol uniwersitetiň Dünýä tejribesini öwreniş kafedrasynyň uly mugallymy bolup işledi.

Şol bir wagtda, 2000-nji ýylyň ýanwar aýyndan başlap uniwersitetiň Hukuk we halkara gatnaşyklary fakultetiniň dekanynyň orunbasary wezipesine bellendi we şol ýylyň sentýabr aýyndan başlap, 2007-nji ýylyň fewral aýyna çenli Hukuk we halkara gatnaşyklary fakultetiniň dekany wezipesinde işledi. 2007-2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň orunbasary wezipesinde işledi. 2008-nji ýylyň iýun aýyndan şol bir wagtda Türkmenistanyň Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň başlygynyň birinji orunbasary, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Syýasy Geňeşiniň birinji sekretary bolup işledi.

2013-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň başlygy wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň III, IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2010-njy ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medaly, 2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan» ýubileý medaly, 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly, 2017-nji ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 26 ýyllygy mynasybetli ýadygärlik nyşany bilen sylaglanyldy. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 1-NJI «GARAŞSYZLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MERJEN TAŞPOLATOWNA ROZYKULOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Merjen Taşpolatowna Rozykulowa 1979-njy ýylyň 18-nji fewralynda Lebap welaýatynyň Döwletli etrabynyň Burguçy geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen. 1985-1994-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň öňki Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrabynyň 6-njy orta mekdebinde okady.

1994-1997-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň lukmançylyk orta okuw mekdebinde okap, ony feldşer-laborant hünäri boýunça tamamlady.

1998-1999-njy ýyllarda Lebap welaýatynyň Narkologiýa hassahanasynyň şepagat uýasy;

1999-2000-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň öňki Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrap hassahanasynyň şepagat uýasy bolup işledi.

2001-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony pediatr lukmany hünäri boýunça tamamlady.

2007-2008-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň Köpugurly hassahanasynda intern lukmany;

2008-2010-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň öňki Ruhabat etrap hassahanasynyň Abadan oba saglyk merkeziniň maşgala lukmany;

2010-2013-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň köpugurly hassahanasynyň 1-nji saglyk öýüniň maşgala lukmany;

2013-2016-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 2-nji Saglyk öýüniň Abadan şahamçasynyň maşgala lukmany bolup işledi.

2016-njy ýylyň awgust aýyndan bäri Aşgabat şäheriniň 13-nji saglyk öýüniň Büzmeýin şahamçasynyň maşgala lukmany bolup işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 2-NJI «BITARAPLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GURBANGÜL GELDIÝEWNA BAÝRAMOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gurbangül Geldiýewna Baýramowa 1960-njy ýylyň 28-nji dekabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1969-1978-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 29-njy orta mekdebinde okady.

1978-1984-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony lukman hünäri boýunça tamamlady.

1984-1985-nji ýyllarda Aşgabat şäher hassahanasynyň intern lukmany, 1985-1988-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki 1-nji saglyk öýüniň terapewti, 1988-1990-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki 5-nji saglyk öýüniň newropatology, 1990-1995-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki 10-njy saglyk öýüniň newropatology, 6-njy saglyk öýüniň baş lukmanynyň orunbasary bolup işledi.

1995-2000-nji ýyllarda Aşgabat şäher çagalar öýüniň baş lukmany, Ahal welaýatynyň alyjylar jemgyýetiniň laboranty, Aşgabat şäherindäki 13-nji saglyk öýüniň kardiology, 2000-2003-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Saglygy goraýyş müdirliginiň işgärler bölüminiň başlygy, 2003-2009-njy ýyllarda Aşgabat şäher çagalar öýüniň direktory wezipelerinde işledi.

2009-2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komitetiniň başlygy, 2012-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň başlygynyň orunbasary wezipelerinde işledi.

2017-nji ýylyň maý aýyndan bäri Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň başlygy, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2009-njy ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medaly, 2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan» ýubileý medaly, 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 2-NJI «BITARAPLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MYRAT AKMYRADOWIÇ MÄMMEDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Myrat Akmyradowiç Mämmedow 1963-nji ýylyň 29-njy noýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1971-1981-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 15-nji orta mekdebinde okady.

1981-1987-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony lukman hünäri boýunça tamamlady.

1987-1988-nji ýyllarda Aşgabat şäher hassahanasynda hirurgiýa boýunça intern lukmany, Aşgabat şäherindäki Indira Gandi adyndaky orta lukmançylyk mekdebinde mugallym bolup işledi.

1988-1989-njy ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň uly lukman laboranty, 1989-1994-nji ýyllarda Aşgabat şäher hassahanasynda hirurgiýa bölüminiň hirurg lukmany, 1994-1995-nji ýyllarda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň baş hirurgy wezipesinde işledi.

1995-2001-nji ýyllarda Aşgabat şäher gospitalynyň hirurg lukmany, gospitalyň baş lukmanynyň bejeriş işleri boýunça orunbasary, 2001-2005-nji ýyllarda Aşgabat şäher bejeriş-sagaldyş hassahanasynyň baş lukmany, soňra Aşgabat şäher hassahanasynyň baş lukmany wezipelerinde işledi.

2005-2006-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki bejeriş-sagaldyş hassahanasynyň baş lukmany, 2006-2011-nji ýyllarda Kardiologiýa ylmy-kliniki merkeziniň direktory, soňra Aşgabat şäher trawmatologiýa we gaýragoýulmasyz hirurgiýa hassahanasynyň baş lukmany, 2011-2013-nji ýyllarda Şikesleri bejeriş halkara merkeziniň direktory wezipelerinde işledi.

2013-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýetiniň baş müdiri wezipesinde işleýär.

2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanyldy.

2017-nji ýylda lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty derejesine eýe boldy.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 3-NJI «AZATLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## JENNET ÝAZBERDIÝEWNA ÖWEKOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Jennet Ýazberdiýewna Öwekowa 1981-nji ýylyň 3-nji dekabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1988-1998-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 51-nji orta mekdebinde we Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň 5-nji orta mekdebinde okady.

1998-2002-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony hukukçy hünäri boýunça tapawutlanan diplom bilen tamamlady.

2002-2010-njy ýyllarda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň müdiriýetiniň kätibi, bölüm başlygy, kätipligiň başlygy, bölümçe başlygy, I derejeli hünärmeni wezipelerinde işledi.

2010-njy ýylyň sentýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Bilermen-maslahat beriş bölüminiň ýuridiki meseleleri boýunça bilermen-maslahat berijisi wezipesinde işleýär.

2017-nji ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglandy.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 3-NJI «AZATLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ARSLAN GULJANOWIÇ ŞAJYKOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Arslan Guljanowiç Şajykow 1968-nji ýylyň 3-nji fewralynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1975-1985-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 27-nji orta mekdebinde okady.

1986-1987-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki «Soýuzpeçat» kärhanasynda işçi bolup zähmet çekdi.

1987-1993-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň bejeriş işi fakultetini tamamlady.

1993-1994-nji ýyllarda Göz keselleri ylmy-kliniki merkezinde göz keseli lukmany bolup işledi.

1994-1996-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 1-nji saglyk öýünde lukman bolup işledi.

1996-1997-nji ýyllarda «Şiwlan» firmasynda lukman wezipesinde işledi.

1997-nji ýylyň sentýabr aýyndan bäri Fiziologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahananyň Ambulatoriýa keseli anyklaýyş bölüminiň lukmany wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABATŞÄHERINIŇ4-NJI«BERKARARLYK»SAÝLAWOKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MARAL SABYROWNA ATAÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Maral Sabyrowna Ataýewa 1973-nji ýylyň 17-nji iýunda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1980-1988-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň Hojambaz etrabynyň 1-nji orta mekdebinde okady.

1988-1991-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki Lukmançylyk mekdebinde okap, ony şepagat uýasy hünäri boýunça tamamlady

1993-1999-njy ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony pediatr lukmany hünäri boýunça tamamlady.

1999-2000-nji ýyllarda Aşgabat şäher hassahanasynda intern lukmany;

2000-2004-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 5-nji saglyk öýüniň maşgala lukmany, soňra Aşgabat şäher çagalar hassahanasynyň gastroenterolog lukmany;

2004-2008-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň hünärmeni;

2010-2013-nji ýyllarda Aşgabat şäher talyplar saglyk öýüniň iç keselleri lukmany bolup işledi.

2013-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Aşgabat şäher Saglygy goraýyş müdirliginde baş hünärmen wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABATŞÄHERINIŇ4-NJI«BERKARARLYK»SAÝLAWOKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SAPARMYRAT ESENOWIÇ

* * * * *

## TERJIMEHALY

Saparmyrat Esenowiç Owganow 1984-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1991-1996-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynyň Gökje ýaşaýyş toplumyndaky 7-nji orta mekdebinde, 1996-2001-nji Aşgabat şäherindäki «Başkent» türkmen-türk mekdebinde okady.

2002-2007-nji ýyllarda Gazagystan Respublikasynyň Hoja Ahmet Ýasawy adyndaky Halkara gazak-türk uniwersitetinde okap, ony menejmentiň bakalawry hünäri boýunça tamamlady.

2007-2008-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2011-2017-nji ýyllarda «Halys» hojalyk jemgyýetiniň ykdysady meseleler boýunça direktorynyň kömekçisi, direktoryň ykdysady meseleler boýunça orunbasary, baş direktory wezipelerinde işledi.

2017-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Merkezi geňeşiniň başlygy wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABATŞÄHERINIŇ5-NJI«PARAHATÇYLYK»SAÝLAWOKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## HANALY ATABERDIÝEWIÇ BAÝRAMOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Hanaly Ataberdiýewiç Baýramow 1977-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Mürçe obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1983-1994-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň 2-nji orta mekdebinde okady.

1994-1999-njy ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, ony filolog, iňlis dili mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1999-2001-nji ýyllarada harby gullukda boldy.

2001-2004-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň 28-nji orta mekdebiniň mugallymy;

2004-2005-nji ýyllarda Bäherden etrabynyň «Dökünhimiýa» edarasynda hünärmen;

2005-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Ahal welaýat birleşmesinde esasy hünärmen bolup işledi.

2008-2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň Ylym we bilim işgärleriniň kärdeşler arkalaşygy boýunça utgaşdyryjysy, Geňeşiň başlygy wezipesinde işledi.

2013-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň Agrosenagat toplumynyň işgärleriniň kärdeşler arkalaşygy boýunça utgaşdyryjysy wezipesinde işleýär.

2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglandy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABATŞÄHERINIŇ5-NJI«PARAHATÇYLYK»SAÝLAWOKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GÜLŞIRIN TAGANDURDYÝEWNA TAGANDURDYÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gülşirin Tagandurdyýewna Tagandurdyýewa 1979-njy ýylyň 25-nji dekabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1986-1993-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 1-nji orta mekdebinde, 1993-1997-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Aýratyn zehinli çagalar mekdep-internatynda okady.

1997-2001-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony hukukçy hünäri boýunça tamamlady.

1999-2006-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrap kazyýetiniň kazyýet mejlisiniň kätibi, kanselýariýasynyň müdiri wezipelerinde işledi.

2006-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Aşgabat şäheriniň Raýat goranyşy we adatdan daşary ýagdaýlar boýunça dolandyryş merkeziniň başlygynyň uly kömekçisi;

2007-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Aşgabat şäheriniň Raýat goranyşy we halas ediş işleri müdirliginiň hukuk işleri boýunça başlygynyň uly kömekçisi wezipelerinde işledi.

2009–2010-njy ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Raýat we jenaýat hukugy kafedrasynyň mugallymy bolup işledi.

2010–2011-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň Dänew etrap häkimliginiň işgärler we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek boýunça bölüminiň baş hünärmeni; 2011-2015-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň Dänew etrap häkimliginiň durmuş medeni ulgamy bölüminiň müdiri wezipelerinde işledi.

2015–2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Daşky gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak we agrosenagat toplumy baradaky komitetiniň baş hünärmeni wezipesinde işledi.

2016-njy ýylyň sentýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Daşky gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak we agrosenagat toplumy baradaky komitetiniň agzasy. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 6-NJY «KÖPETDAG» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MARAL AKMYRADOWNA AMANOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Maral Akmyradowna Amanowa 1974-nji ýylyň 8-nji maýynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1981-1991-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 17-nji orta mekdebinde okady.

1991-1997-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony pediatriýa ugry boýunça tamamlady.

1997-1998-nji ýyllarda Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-barlag institutynyň umumy reanimasiýa bölüminde intern lukmany bolup işledi.

Ýokary okuw mekdebinde okan döwründe şol bir wagtda, 1994-1997-nji ýyllarda Pirogow adyndaky Merkezi kliniki hassahanasynyň Neýrohirurgiýa bölüminiň şepagat uýasy bolup işledi.

1998-2001-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Enäniň we çaganyň gospitalynyň anesteziolog-reanimatolog lukmany, şol bir wagtda Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýöriteleşdirilen sazçylyk mekdep-internatynyň lukmany wezipelerinde işledi.

2001-2004-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Ýöriteleşdirilen çagalar hassahanasynyň anesteziolog-reanimatolog lukmany, Aşgabat şäheriniň 5-nji saglyk öýüniň hasabat we maglumat lukmany wezipelerinde işledi.

2005-2013-nji ýyllarda Merkezi bejeris-sagaldyş hassahanasynyň immunolog lukmany, 2014-nji ýylyň iýul aýyndan bäri şol hassahananyň newropatolog lukmany wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 6-NJY «KÖPETDAG» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BATYR ÇARYÝEWIÇ ORAZOW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Batyr Çaryýewiç Orazow 1967-nji ýylyň 11-nji fewralynda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1974-1984-nji ýyllarda Türkmenabat şäheriniň 27-nji orta mekdebinde okady.

1984-1991-nji ýyllarda Türkmenabat şäherindäki Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda okady we ony taryh, jemgyýeti öwreniş we hukuk hünäri boýunça tamamlady.

Okuwyň arasynda, ýagny 1985-1987-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

1991-1993-nji ýyllarda Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynyň 31-nji orta mekdebinde taryh, jemgyýeti öwreniş we hukuk mugallymy; 1993-1997-nji ýyllarda Lebap welaýat häkimliginde esasy hünärmen; 1997-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Lebap welaýat komitetiniň sekretary bolup işledi.

2009-2013-nji ýylarda Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy, soňra 2014-nji ýylyň ýanwar-dekabr aýlarynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Kada-kanunçylyk baradaky komitetiniň agzasy boldy.

2014-nji ýylyň 31-nji dekabryndan bäri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli institutynyň direktorynyň orunbasary wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2001-nji ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin», 2006-njy ýylda «Gaýrat» medallary we 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 6-NJY «KÖPETDAG» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SÜLEÝMAN SÜLEÝMANOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Süleýman Süleýmanow 1955-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1962-1970-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 40-njy orta mekdebinde okady.

1970-1974-nji ýyllarda Aman Kekilow adyndaky mugallymçylyk mekdebinde, 1974-1979-njy ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony taryhçy, taryh we jemgyýeti öwreniş mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1979-njy ýylyň oktýabr-dekabr aýlarynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh institutynda işledi.

1980-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde mugallym, dosent, kafedra müdiri, ençeme ýyllap bir wagtda institutyň kärdeşler arkalaşyklarynyň başlygy bolup işledi.

1987-nji ýylda taryh ylymlarynyň kandidaty, 1991-nji ýylda dosent derejelerine, 2000-nji ýylda Türkmenistanyň ussat mugallymy diýen ada eýe boldy.

2007-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygyň 20 ýyllygyna» ýubileý medaly, 2016-njy ýylda Türkmenistanyň «Galkynyş» ordeni bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 7-NJI «GÜNEŞ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ABDYLLA BÄŞIMOWIÇ ANNABERDIÝEW

* * * * *

### TERJIMEHALY

Abdylla Bäşimowiç Annaberdiýew 1990-njy ýylyň 13-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1998-2008-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 28-nji, soňra 47-nji orta mekdeplerinde okady.

2009-2013-nji ýyllarda Ukraina döwletiniň Harkow Milli ýol we ulag uniwersitetinde okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2013-2014-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2015-nji ýylyň oktýabr-noýabr aýlarynda «Kinowideohyzmat» birleşiginiň «Kinowideohyzmat» bölüminiň Balkan welaýaty boýunça esasy hünärmeni;

2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher Geňeşiniň medeniýet, sungat, metbugat we telewideniýe, radiogepleşikler, kinematografiýa hem-de halkara hyzmatdaşlygy bölüminiň müdiri;

2016-2018-nji ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň başlygy wezipelerinde işledi.

2018-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher Geňeşiniň başlygy bolup işleýär.

Maşgalaly.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 7-NJI «GÜNEŞ» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GÜLŞAT SAHYÝEWNA MÄMMEDOWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gülşat Sahyýewna Mämmedowa 1964-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen. 1971-1981-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 26-njy orta mekdebinde okady.

1982-1988-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, filolog, türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1981-1986-njy ýyllarda Türkmen telewideniýesinde administrator wezipesinde işledi. 1986-1988-nji ýyllarda «Oktýabryň ýalkymy» gazetinde tehniki işgär bolup işledi. 1988-2003-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Gämi obasyndaky 4-nji orta mekdepde türkmen dili we edebiýaty mugallymy, müdiriň okuw işleri boýunça orunbasary, Türkmen telewideniýesiniň redaktory wezipelerinde işledi. 2003-2005-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 72-nji ýöriteleşdirilen orta mekdebiniň müdiri wezipesinde işledi.

2005-2007-nji ýyllarda Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň başlygy wezipesinde işledi. 2007-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň Bilim ministriniň orunbasary; 2009-2015-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň Bilim ministri wezipelerinde işledi. 2015-nji ýylyň aprel-awgust aýlarynda Aşgabat şäheriniň 38-nji orta mekdebiniň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary; 2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, Türkmenistanyň Mejlisiniň Durmuş syýasaty baradaky komitetiniň başlygy; 2016-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary wezipelerinde işledi.

2017-nji ýylyň fewral-iýun aýlarynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň baş hünärmeni wezipesinde işledi. 2017-nji ýylyň iýun aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň orunbasary wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

2009-njy ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medaly, 2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistan» ýubileý medaly, 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly, 2017-nji ýylda Türkmenistanyň «Gaýrat» medaly bilen sylaglanyldy. Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 8-NJI «DOSTLUK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## KERIM HALMYRADOWIÇ PERDÄÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Kerim Halmyradowiç Perdäýew 1991-nji ýylyň 23-nji awgustynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1998-2006-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki türk başlangyç mekdebinde okady.

2006-2010-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki Anadoly liseýinde okady.

2010-2014-nji ýyllarda Halkara türkmen-türk uniwersitetinde okady we ony halkara gatnaşyklary we diplomatiýa hünäri boýunça tamamlady.

2014-2015-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2015-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň Daşary ýurt pulundaky amallar müdirliginiň Daşary ýurt puly bölüminiň hünärmeni wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 8-NJI «DOSTLUK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SÜLGÜN MEÝLISOWNA TAGANDURDYÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Sülgün Meýlisowna Tagandurdyýewa 1969-njy ýylyň 2-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen. 1976-1986-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki 43-nji orta mekdepde okady.

1986-1988-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki Indira Gandi adyndaky lukmançylyk mekdebinde okady. 1987-1988-nji ýyllarda Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahanasynyň kiçi saglygy goraýyş işgäri bolup işledi. 1988-1994-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, bejeriş işi boýunça lukman kärine eýe boldy. 1994-1996-njy ýyllarda Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahanasynyň kabul ediş bölüminiň şepagat uýasy, 1990-njy ýylyň aprel-oktýabr aýlarynda Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahanasynyň kabul ediş bölüminiň şepagat uýasy, 1991-1992-nji ýyllarda Aşgabat şäher hassahanasynyň şepagat uýasy wezipelerinde işledi.

1992-1994-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 56-njy çagalar bagynyň şepagat uýasy, 1994-1995-nji ýyllarda Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli hassahanasynyň terapewt lukmany, 1995-1996-njy ýyllarda Profilaktiki we kliniki lukmançylygynyň ylmy-barlag institutynyň kliniki anyklaýyş barlaghana bölüminiň barlagçy lukmany wezipelerinde işledi.

1994-2000-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 9-njy saglyk öýüniň lukmany, 2000-2006-njy ýyllarda Kardiologiýa ylmy-kliniki merkezli merkezi kliniki gospitalynyň Kliniki diagnostiki laboratoriýasy bölüminiň laborant lukmany, 2006-2016-njy ýyllarda Merkezi bejeriş-sagaldyş hassahanasynyň barlaghana otagynyň barlagçy lukmany wezipelerinde işledi.

2016-njy ýylyň iýul-oktýabr aýlarynda Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň «Türkmenabat şäherindäki mekdep-internatynda ýyladyşhanany gurmaklygyň üsti bilen maýyp çagalara hünär okuwlaryny geçirmek üçin» taslamasynyň utgaşdyryjysynyň kömekçisi; 2016-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň Agzalar we kömek alyjylar boýunça baş hünärmeni wezipelerinde işledi.

2017-nji ýylyň maý aýyndan bäri Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň Saglygy goraýyş we durmuş üpjünçilik bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 9-NJY «ÄLEM» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## BATYR ORAZDURDYÝEWIÇ BAÝLYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Batyr Orazdurdyýewiç Baýlyýew 1990-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1997-2006-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 33-nji orta mekdebinde okady.

2006-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň «Aşgabat» döwlet söwda firmasynyň satyjysy bolup işledi.

2008-2013-nji ýyllarda Belarus Respublikasynyň Belarus döwlet uniwersitetinde okap, ony hukukçy hünäri boýunça tamamlady.

2013-2014-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2015-2018-nji ýyllarda Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň iş ýöredijisi, hukuk kömegi müdirliginiň esasy maslahatçysy, ministriň kömekçisi wezipelerinde işledi.

2018-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň kanunçylyk müdirliginiň ykdysady kanunçylyk we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwlet belligine alyş bölüminiň esasy maslahatçysy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, bir çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 9-NJY «ÄLEM» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## OGULGURBAN AMANMYRADOWNA GELDIÝEWA

* * * * *

### TERJIMEHALY

Ogulgurban Amanmyradowna Geldiýewa 1976-njy ýylyň 4-nji dekabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 23-nji orta mekdebinde okady.

1993-1997-nji ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda okap, dilçi, iňlis dili mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

1997-1999-njy ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Iňlis dili kafedrasynyň öwreniji-mugallymy; 1999-2009-njy ýyllarda şol institutyň Terjimäniň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy, uly mugallymy bolup işledi.

2009-2012-nji ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň aspiranty boldy.

2012-nji ýyldan 2016-njy ýyla çenli Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Terjimäniň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň uly mugallymy bolup işledi.

2015-nji ýylda pedagogika ylymlarynyň kandidaty alymlyk derejesini aldy.

2016-njy ýyldan bäri Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Terjimäniň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň müdiriniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji, uly mugallymy bolup işleýär.

2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 9-NJY «ÄLEM» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GÖWHER ÝAZGELDIÝEWNA KARAÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Göwher Ýazgeldiýewna Karaýewa 1988-nji ýylyň 9-njy iýulynda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Babadaýhan şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1995-2003-nji ýyllarda Babadaýhan etrabynyň 17-nji orta mekdebinde okady.

2006-2008-nji ýyllarda Aman Kekilow adyndaky mugallymçylyk mekdebinde okady we ony başlangyç synp we 4-5-nji synplarda türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2008-2013-nji ýyllarda Babadaýhan etrabynyň 11-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy;

2013-2016-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň Gurbansoltan eje adyndaky ýöriteleşdirilen 72-nji orta mekdebiniň başlangyç synp mugallymy bolup işledi.

2016-njy ýylyň sentýabr aýyndan bäri Aşgabat şäheriniň 132-nji orta mekdebiniň başlangyç synp mugallymy wezipesinde işleýär. Maşgalaly.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 10-NJY «ARÇABIL» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## SERDAR GULMUHAMMEDOWIÇ DURDYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Serdar Gulmuhammedowiç Durdyýew 1989-njy ýylyň 21-nji fewralynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1996-2005-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 40-njy orta mekdebinde okady.

2005-2007-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki «Altyn asyr» söwda merkezinde satyjy bolup işledi.

2007-2012-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okady we ony bazary öwreniji bilermen hünäri boýunça tamamlady.

2012-2013-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2013-2015-nji ýyllarda Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň merkezi maddy-enjamlaýyn üpjünçilik hojalygynda ekspeditor;

2015-nji ýylyň maý-noýabr aýlarynda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Aşgabat şäheriniň öňki Ruhabat etrap komitetiniň partiýa guramaçysy, soňra Aşgabat şäher komitetiniň partiýa guramaçysy;

2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Umumy bölüminiň esasy hünärmeni bolup işledi.

2016-njy ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň guramaçylyk we syýasy işler bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

## 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 10-NJY «ARÇABIL» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



# GÜLÄLEK ÝAZYÝEWNA ÝEGENGELDIÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gülälek Ýazyýewna Ýegengeldiýewa 1969-njy ýylyň 13-nji maýynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1976-1986-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 27-nji orta mekdebinde okady.

1986-1992-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, bejeriş işi boýunça lukman kärine eýe boldy.

1992-1993-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň gistologiýa, embriologiýa, sitologiýa kafedrasynyň tejribe toplaýjy mugallymy bolup işledi.

1993-1994-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň gistologiýa, embriologiýa, sitologiýa kafedrasynyň mugallymy bolup işledi.

1994-1997-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň gistologiýa, embriologiýa, sitologiýa kafedrasynyň aspiranty boldy.

1997-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň gistologiýa, embriologiýa, sitologiýa kafedrasynyň mugallymy bolup işleýär.

Lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABATŞÄHERINIŇ11-NJI«BAGTYÝARLYK»SAÝLAWOKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GULMYRAT NURMYRADOWIÇ AGAMYRADOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gulmyrat Nurmyradowiç Agamyradow 1985-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1992-2001-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 37-nji orta mekdebinde okady.

2001-2002-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda buhgalter-menejer hünäri boýunça okady.

2002-2006-njy ýyllarda Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynda okap, ony myhmanhana täjirçiliginiň menejeri hünäri boýunça tamamlady.

2006-2007-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2008-2009-njy ýyllarda «Türkmenistan» Ýaşlar bedenterbiýe sport guramasynyň Merkezi Geňeşiniň I derejeli hünärmeni; 2009-2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Syýahatçylyk we sport baradaky döwlet komitetiniň sport bölüminiň esasy hünärmeni; 2012-2018-nji ýyllarda Türkmenistanyň Sport baradaky döwlet komitetiniň ýokary netijeli sport we olimpiýa hereketini utgaşdyryş bölüminiň baş hünärmeni bolup işledi.

2016-njy ýylyň fewral-maý aýlarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky döwlet gullugy akademiýasynda okap, Kommersiýa arbitražy boýunça döwlet gullukçylarynyň hünärini ýokarlandyrmak boýunça okuwyny tamamlady.

2018-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň Ýokary netijeli sport we olimpiýa hereketini utgaşdyryş bölüminiň başlygynyň orunbasary, Türkmenistanyň Awtomobil sporty federasiýasynyň başlygy, Türkmenistanyň Söweş sungaty milli federasiýasynyň baş kätibi bolup işleýär.

2017-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi» diýen hormatly ada eýe boldy. Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 11-NJI «BAGTYÝARLYK» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ŞEMŞAT HUDAÝBERDIÝEWNA SAPARLYÝEWA

* * * * *

### TERJIMEHALY

Şemşat Hudaýberdiýewna Saparlyýewa 1975-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Keseýap geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Sakarçäge etrabynyň 21-nji orta mekdebinde okady.

1993-1999-njy ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde okap, ony maşgala lukmany hünäri boýunça tamamlady.

2000-2009-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň 3-nji saglyk öýüniň maşgala lukmany;

2009-2012- ýyllarda Aşgabat şäheriniň 3-nji saglyk öýüniň bölüm müdiri;

2012-2017-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 3-nji saglyk öýüniň baş lukmany wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Aşgabat şäheriniň 15-nji saglyk öýüniň baş lukmany wezipesinde işleýär.

2014-nji ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 12-NJI «AŞGABAT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AKSONA NEPESOWNA ATAÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Aksona Nepesowna Ataýewa 1985-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1992-2001-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň 5-nji orta mekdebinde okady.

2001-2005-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony ykdysatçy hünäri boýunça tamamlady.

2005-2007-nji ýyllarda Daşoguz welaýatynyň Durmuş taýdan üpjünçilik müdirliginiň Ykdysadyýet we maliýe bölüminiň I derejeli hünärmeni, baş hünärmeni bolup işledi.

2010-2012-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Durmuş taýdan üpjünçilik müdirliginiň pensiýa ätiýaçlandyrma bölüminiň pensiýa ätiýaçlandyrma serişdeleri bölümçesiniň hünärmeni, esasy hünärmeni, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň Durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň döwlet kömek pullary bölümçesiniň baş hünärmeni bolup işledi.

2012-2015-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň öňki Çandybil we Arçabil etraplarynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň Zähmet bölümçesiniň baş hünärmeni bolup işledi.

2015-2017-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň öňki Arçabil etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň zähmet bölümçesiniň baş hünärmeni bolup işledi.

2017-nji ýylyň awgust aýyndan bäri Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümçesiniň başlygy wezipesinde işleýär.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 12-NJI «AŞGABAT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## RESULBERDI NURMÄMMEDOWIÇ MÄMMEDOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Resulberdi Nurmämmedowiç Mämmedow 1976-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynyň Gökje ýaşaýyş toplumynda doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynyň 103-nji orta mekdebinde okady.

1995-1999-njy ýyllarda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynda okady we ony hukuk öwreniş hünäri boýunça tamamlady.

1999-2002-nji ýyllarda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginde dürli wezipelerde işledi.

2003-2007-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap häkimliginde hünärmen, 2007-nji ýylyň aprel-iýul aýlarynda Bagtyýarlyk etrabynyň Ýaşaýyş jaý ulanyş trestiniň dolandyryjysynyň orunbasary bolup işledi.

2007-2008-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap häkimliginde hünärmen, 2008-nji ýylyň awgust-sentýabr aýlarynda Aşgabat şäheriniň öňki Çandybil etrabynyň prokuraturasynyň tälim alyjy sülçüsi bolup işledi.

2008-2009-njy ýyllarda Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap häkimliginde hojalyk müdiri, hünärmen, 2009-njy ýylyň ýanwar aýynda Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynyň Ýaşaýyş jaý ulanyş trestiniň dolandyryjysy wezipelerinde işledi.

2009-njy ýylyň ýanwar aýyndan bäri Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy, Türkmenistanyň Mejlisiniň IV, V çagyrylyşlarynyň deputaty.

2012-nji ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly, 2016-njy ýylda Türkmenistanyň «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, sekiz çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 13-NJI «KÖŞI» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ÇEMEN JUMAGULYÝEWNA KULIÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Çemen Jumagulyýewna Kuliýewa 1981-nji ýylyň 14-nji awgustynda Aşgabat şäherinde doguldy. Milleti türkmen.

1988-1997-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 43-nji orta mekdebinde okady.

1997-2001-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony biolog, biologiýa we himiýa mugallymy hünäri boýunça tamamlady.

2001-2003-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 43-nji orta mekdebiniň biologiýa mugallymy;

2003-2007-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 17-nji orta mekdebiniň biologiýa mugallymy;

2007-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň okuw kitaplaryny taýýarlamak we neşir işleri bölüminiň baş hünärmeni wezipelerinde işledi.

2008-2011-nji ýyllarda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň aspiranty boldy.

2011-nji ýylyň maý-sentýabr aýlarynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň uly laboranty bolup işledi.

2011-nji ýylyň sentýabr aýyndan bäri Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Zoologiýa kafedrasynyň mugallymy wezipesinde işleýär. Biologiýa ylymlarynyň kandidaty.

Maşgalaly, iki çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 13-NJI «KÖŞI» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## AZAT NURBERDIÝEWIÇ SEÝDIBAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Azat Nurberdiýewiç Seýdibaýew 1982-nji ýylyň 5-nji iýunynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1989-1998-nji ýylarda Gökdepe etrabynyň 2-nji orta mekdebinde okady.

1998-2001-nji ýyllarda Ýaňgala obasynda üzümçilik kärende ýerinde ekerançy bolup işledi.

2001-2005-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde okap, ony ekerançy hünäri boýunça tamamlady.

2005-2006-njy ýyllarda harby gullukda boldy.

2006-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Ösümlikler boýunça döwlet karantin gullugynda, ýagny Ahal welaýat Bäherden etrap karantin gullugynyň hünärmeni we Ahal welaýat karantin gullugynyň I derejeli hünärmeni bolup işledi.

2008-2009-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Bagbançylyk we gök ekerançylyk kafedrasynyň uly laboranty, uniwersitetiň ilkinji Ýaşlar guramasynyň başlygynyň orunbasary wezipesinde işledi.

2009-2011-nji ýyllarda uniwersitetiň Ýüpekçilik we ösümlikleri goramak kafedrasynyň mugallymy, şol bir wagtda uniwersitetiň ilkinji Ýaşlar guramasynyň başlygy bolup işledi.

2011-2016-njy ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň başlygy wezipesinde işledi.

2016-njy ýylyň maý aýyndan bäri S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwerstetiniň Okuw bölüminiň hünärmeni wezipesinde işleýär. Türkmenistanyň Mejlisiniň V çagyrylyşynyň deputaty.

Maşgalaly, üç çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 14-NJI «RUHABAT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## PENA DÖWLETGELDIÝEWIÇ AŞYROW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Pena Döwletgeldiýewiç Aşyrow 1988-nji ýylyň 9-njy noýabrynda Ahal welaýatynyň öňki Ruhabat etrabynda doguldy. Milleti türkmen.

1996-2000-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 16-njy orta mekdebinde, soňra 2000-2004-nji ýyllar Aşgabat şäheriniň 19-njy orta mekdebinde okady.

2004-2005-nji ýyllarda Türkmenistanyň Söwda we kooperatiw kollejiniň ykdysadyýet we kompýuter tehnikasy bölüminde okap, ony ykdysatçy we elektron hasaplaýyş maşynlarynyň operatory hünäri boýunça tamamlady.

2006-2008-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2010-2015-nji ýyllarda Russiýa Federasiýasynyň K.I.Skrýabin adyndaky Moskwa döwlet weterinar lukmançylygynyň we biotehnologiýalarynyň akademiýasynda okap, ony harytçy-ekspert hünäri boýunça tamamlady.

2015-2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň maglumat, seljeriş we habar beriş bölüminiň baş hünärmeni wezipesinde işledi.

2017-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň guramaçylyk we medeni-köpçülik işleri bölüminiň müdiri wezipesinde işleýär.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 14-NJI «RUHABAT» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GULGELDI GULGELDIÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gulgeldi Gulgeldiýew 1962-nji ýylyň 28-nji fewralynda Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň Hojagala obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1969-1979-njy ýyllarda Serdar etrabynyň T.Nyýazmämmedow adyndaky 4-nji orta mekdebinde okady.

1979-1984-nji ýyllarda Türkmen politehniki institutynda okap, ony inžener-gurluşykçy hünäri boýunça tamamlady.

1984-1985-nji ýyllarda «Türkmenobataslama» kärhanasynda düýpli gurluşyk bölüminiň inženeri, 1985-1987-nji ýyllarda Aşgabadyň gidromelioratiw tehnikumynyň mugallymy, 1987-1989-njy ýyllarda şol tehnikumyň komsomol komitetiniň başga işlerden boşadylan sekretary, 1989-1995-nji ýyllarda şol gidromelioratiw tehnikumynda mugallym, bölüm müdiri, direktoryň okuw işleri baradaky orunbasary wezipelerinde işledi.

1995-2002-nji ýyllarda Aşgabat şäherindäki 1-nji hünärmentçilik liseýiniň direktorynyň okuw-önümçilik işleri baradaky orunbasary, soňra direktory, 2002-2009-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki 3-nji hünärment mekdebiniň direktory, 2009-2010-njy ýyllarda Türkmenistanyň Gurluşyk ministrliginiň 3-nji hünärment mekdebiniň direktory wezipelerinde işledi.

2010-njy ýylyň iýul aýyndan bäri Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň direktory wezipesinde işleýär.

2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy, 2014-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan bilim işgäri» diýen hormatly at dakyldy, 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 15-NJI «BÜZMEÝIN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## GÜLŞAT KAKABAÝEWNA AKYÝEWA

* * * * *

## TERJIMEHALY

Gülşat Kakabaýewna Akyýewa 1974-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Akýap obasynda doguldy. Milleti türkmen. 1981-1991-nji ýyllarda orta mekdepde okady.

1991-1995-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda okap, ony azyk harytlaryny öwreniji hünäri boýunça tamamlady.

1995-2003-nji ýyllarda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň söwda tehnologiýasy kafedrasynyň uly tejribeçisi;

2003-2008-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Dolandyryş we bazarlama kafedrasynyň uly tejribeçisi, Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek fakultetiniň Maldarçylyk önümlerini gaýtadan işlemek kafedrasynyň öwreniji mugallymy, Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemegiň tilsimaty fakultetiniň kömekçi mugallymy, Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek fakultetiniň Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek kafedrasynyň kömekçi mugallymy bolup işledi.

2008-2011-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň aspiranty boldy.

2011-2013-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek fakultetiniň Maldarçylyk önümlerini gaýtadan işlemek kafedrasynyň kömekçi mugallymy, Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek fakultetiniň dekanynyň okuw işleri boýunça orunbasary, şol fakultetiň Maldarçylyk önümlerini gaýtadan işlemek kafedrasynyň uly mugallymy bolup işledi.

2014-2015-nji ýyllarda Türkmen-Türk Paýdarlar Täjirçilik Bankynyň bank gullugynyň «Western Union» pul geçirimleri ulgamynyň operatory bolup işledi.

2015-nji ýyldan bäri Türkmen döwlet maliýe institutynyň «Buhgalter hasaby» kafedrasynyň uly mugallymy bolup işleýär. Tehniki ylymlaryň kandidaty. Maşgalaly, üç çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 15-NJI «BÜZMEÝIN» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## MUHAMMETNAZAR SAPARGELDIÝEWIÇ GURBANBERDIÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Muhammetnazar Sapargeldiýewiç Gurbanberdiýew 1977-nji ýylyň 2-nji aprelinde Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynda doguldy. Milleti türkmen. 1984-1994-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň 113-nji orta mekdebinde okady. 1994-1998-nji ýyllarda Türkmen Milli sport we syýahatçylyk institutynda okap, ony sport žurnalisti hünäri boýunça tamamlady. 1999-2000-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2001-2010-njy ýyllarda Ahal welaýatynyň öňki Ruhabat etrabynyň 2-nji orta mekdebinde Bedenterbiýe mugallymy we sport işleri boýunça guramaçy; 2010-2011-nji ýyllarda Ahal welaýatynyň öňki Abadan şäher häkimliginiň Hojalyk hasaplaşykly «Sport toplumy» kärhanasynyň başlygynyň orunbasary, soňra häkimligiň ykdysadyýet we ulanyş toplumy bölüminiň baş hünärmeni bolup işledi.

2011-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky döwlet gullugy akademiýasynda hünär okuwyny geçdi.

2011-2014-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň öňki Ruhabat etrabynyň Bilim bölüminde hünärmen, soňra etrabyň 2-nji orta mekdebinde mugallym, Ruhabat etrap häkimliginiň umumy bölüminiň asudalygy goraýyş boýunça esasy hünärmeni bolup işledi. 2014-2015-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň öňki Ruhabat etrap häkimliginiň umumy bölüminiň baş hünärmeni, müdiri wezipesinde işledi. 2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň iş dolandyryş müdirliginiň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Aşgabat şäherinde binagärlik, şähergurluşyk we abadanlaşdyryş işlerine gözegçilik bölüminiň esasy hünärmeni, soňra Ruhabat etrap häkimliginiň Oba hojalygynda özgertmeler we döwrebap usullary ornaşdyrmak bölüminiň esasy hünärmeni, müdiri wezipelerinde işledi. 2016-2018-nji ýyllarda Aşgabat şäheriniň häkimliginiň Düýpli gurluşygynyň dolandyryş müdirliginiň ýol gurluşygy bölüminiň baş hünärmeni, soňra Abadanlaşdyryşa gözegçilik edýän bölüminiň müdiri wezipelerinde işledi.

2018-nji ýylyň ýanwar aýyndan bäri Aşgabat şäheriniň häkimliginiň Abadanlaşdyryşa gözegçilik bölüminiň baş hünärmeni wezipesinde işleýär. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 16-NJY «GÖKJE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## NURBERDI DÄDEBAÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Nurberdi Dädebaýew 1963-nji ýylyň 17-nji fewralynda Daşoguz welaýtynyň Akdepe etrabynyň Ketgenli obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1970-1980-nji ýyllarda Akdepe etrabynyň 24-nji orta mekdebinde okady.

1980-1985-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony filolog, türkmen dili we edebiýaty mugallymy hünäri boýunça tamamlady. 1985-1987-nji ýyllarda Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň redaktory; 1987-1992-nji ýyllarda «Ýaş kommunist» gazetinde habarçy, bölüm müdiri bolup işledi.

1992-1995-nji ýyllarda Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň hünärmeni, ministriň metbugat sekretary, «Türkmen medeniýeti» neşirýatynyň baş redaktorynyň orunbasary; 1995-2001-nji ýyllarda Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň redaktory, bölüm müdiri, topar ýolbaşçysy;

2001-2004-nji ýyllarda Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Miras» radioýaýlymynyň bölüm müdiri; 2004-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy; 2008-2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Watan» radioýaýlymynyň başlygy;

2012-nji ýylyň maý aýyndan bäri Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Altyn asyr: Türkmenistan» teleradioýaýlymynyň «Watan» radioýaýlymynyň baş redaktory wezipesinde işleýär.

2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna» atly ýubileý medaly, 2016-njy ýylda Türkmenistanyň «Gaýrat» medaly bilen sylaglanyldy. Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 16-NJY «GÖKJE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## ORAZGYLYÇ AŞYRMÄMMEDOWIÇ ORAZGYLYJOW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Orazgylyç Aşyrmämmedowiç Orazgylyjow 1967-nji ýylyň 5-nji aprelinde Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň Purnuar geňeşliginde doguldy. Milleti türkmen.

1974-1982-nji ýyllarda Serdar etrabynyň 17-nji sekiz ýyllyk mekdebinde, 1982-1984-nji ýyllarda Serdar etrabynyň 14-nji orta mekdebinde okady.

1984-1987-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde, 1987-1990-njy ýyllarda Moskwanyň I.M.Seçenow adyndaky 1-nji lukmançylyk institutynda okap, bejeriş işi boýunça lukman kärine eýe boldy.

1990-1991-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde iç keselleri lukmany hünäri boýunça internatura geçdi.

1991-1994-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň patofiziologiya hem-de farmakologiýa we kliniki farmakologiýa kafedralarynda aspiranturada okady.

1994-1995-nji ýyllarda şol uniwersitetiň terapiýa kafedrasynyň lukman-laboranty; 1995-1999-njy ýyllarda pediatriýa fakultetiniň iç keselleri kafedrasynyň assistenti; 1999-2003-nji ýyllarda kliniki farmakologiýa we endokrinologiýa okuwly gospital terapiýa kafedrasynyň assistenti; 2003-2008-nji ýyllarda maşgala medisinasy kafedrasynyň assistenti bolup işledi.

2008-2009-njy ýyllarda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda Demirgazyk Dakota uniwersitetiniň maşgala we jemgyýetçilik medisinasy kafedrasynda kämilleşdiriş okuwyny geçdi.

2009-2012-nji ýyllarda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň maşgala lukmançylygy kafedrasynyň assistenti bolup işledi.

2012-nji ýylyň noýabr aýyndan bäri Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň maşgala lukmançylygy boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasynyň assistenti wezipesinde işleýär. Lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty. Maşgalaly, bäş çagasy bar.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasy tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.

# 2018-NJI ÝYLYŇ 25-NJI MARTYNDA GEÇIRILJEK TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ SAÝLAWLARY BOÝUNÇA AŞGABAT ŞÄHERINIŇ 16-NJY «GÖKJE» SAÝLAW OKRUGYNDAN DALAŞGÄR



## NURY TAGANOWIÇ SALPYÝEW

* * * * *

## TERJIMEHALY

Nury Taganowiç Salpyýew 1976-njy ýylyň 18-nji martynda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Gökdepe obasynda doguldy. Milleti türkmen.

1983-1993-nji ýyllarda Gökdepe etrabynyň 6-njy orta mekdebinde okady.

1993-1997-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde okap, ony gündogary öwreniji – taryhçy hünäri boýunça tamamlady.

1997-1998-nji ýyllarda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Dünýä türkmenlerini öwrenýän ylmy-barlag institutynyň hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Taryh institutynyň kiçi ylmy işgäri bolup işledi.

1998-2000-nji ýyllarda harby gullukda boldy.

2001-2002-nji ýyllarda Gökdepe etrabynyň 33-nji orta mekdebiniň taryh mugallymy, Aşgabat şäheriniň 62-nji orta mekdebiniň başlangyç synp mugallymy, Aşgabat şäheriniň 13-nji orta mekdebiniň müdiriniň terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary wezipelerinde işledi.

2002-2003-nji ýyllarda Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň umumy orta bilim bölüminiň baş hünärmeni; 2003-2004-nji ýyllarda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Orta bilim we terbiýeçilik işi bölüminiň baş barlagçysy; 2004-2006-njy ýyllarda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Arhiw resminamalaryny hasaba almak we olar bilen işlemek bölüminiň başlygy; 2006-2008-nji ýyllarda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Mugallym, ýolbaşçy işgärler we arhiw işleri bölüminiň başlygynyň orunbasary wezipelerinde işledi.

2008-nji ýylyň fewral aýyndan bäri Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Mugallym, ýolbaşçy işgärler we arhiw işleri bölüminiň başlygy wezipesinde işleýär.

2015-nji ýylda Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanyldy.

Maşgalaly, dört çagasy bar.

Raýatlar topary tarapyndan dalaşgärlige hödürlenildi.